THE ASHGABAT TIMES

# Ýewropa çempionatynda çykyş eden ispaniýaly türgen Laura Garsiýa-Karo ýeňişini ir gutlanlygy sebäpli gyzyl medaldan galdy

Garsiýa-Karo ýaryşyň soňky metrlerinde üçünji ýerde barýardy, şonda ol ýeňiş gazanjakdygyna gözi ýetip, boýnuna Ispaniýanyň baýdagyny daňyp, ellerini howa galdyrmaga taýýarlandy. Ýöne ukrainaly türgen Lýudmila Olýanowskaýa finiş çyzygyna birnäçe metr galanda ondan öňe geçip, bürünç medaly eýeledi.



“Diýseň gynandym. Ýaryşyň [20 km aralyga] birinji ýarymynda men ýadadym, ýöne özümi ele aldym we soňky 10 metrde üstünlik gazandym diýip pikir etdim, ýöne bolmady. Indi [bolup geçen zatlara] akyl ýetirip, ýüregimdäki gussany aýyrmaly” – diýip, Garsiýa-Karo aýtdy.

Altyn medala italiýaly Antonella Palmizano mynasyp boldy, ol 1 sagat 28,08 minut netijäni görkezdi. Ikinji orny ýene bir italiýaly türgen Walentina Trapletti eýeledi (1:28.37).

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024